# Dostumyñ ýadygärligine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dostumyñ ýadygärligine DOSTUMYÑ ÝADYGÄRLIGINE

*«Maña seniñ gözleriñden gitme ýok…»*
*(G.Ezizowyñ goşgusyndan).*

Sözlense bir atañ goç ogly hakda,
Bir enäñ ýaz ogly hakda sözlense,
Başdaşyna – bägül.
Balasyna – bal,
Ýoldaşyna – gardaş,
Dostuna – ykbal
Ýigitleñ içinden ýigit gözlense,
Her haçan şu hili bagt gözlense –
Saña meniñ gözlerimden gitme ýok,
Saña meniñ gözlerimden gitme ýok!..

Jahyllar agzasa «jahyllyk» sözün,
Kämiller agzasa «kämillik» sözün,
Şygyrýet bagynda,
Juwan çagynda
Bir gunça göterip nurana ýüzün,
Ýagtyltsa azajyk,
Türkmeniñ düzün –
Saña meniñ gözlerimden gitme ýok,
Saña meniñ gözlerimden gitme ýok!

Baharyñ çogunda, çilläñ garynda,
Dañ ýyldyznyñ dogjak-dogjak çagynda,
Ýaşlygmyzyñ şol gadymy bagynda,
(Üstüñden geçse-de tomuslar-gyşlar)
Şoña meniñ gulagymdan gitme ýok,
Saña meniñ gözlerimden gitme ýok?

2.X.1975 ý.